# Şahyryñ söýgüsi

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Şahyryñ söýgüsi

ŞAHYRYÑ SÖÝGÜSI

Geçen asyryñ 20-nji ýyllarynda ýasap geçen belli rus-sowet şahyry Wladimir Maýakowskiý barada, onuñ şygyr dörediş stili barada, pajygaly tamamlanan gysga ömri barada bilýänler türkmen okyjylarynyñ arasynda entegem azdyr öýdemok. Öz döwründe onuñ döredijiligine degişli ylmy işlerem, ylmy-populýar äheñdäki makalalar hem az ýazylmandy. Ýeri gelende aýtsam, Maýakowskiniñ edebi döredijiliginiñ türkmen-sowet edebiýatyna täsiri dogrusynda saldamly ylmy işleriñ birini belli türkmen şahyry, hususan-da özüni ezber terjimeçi hökmünde tanadan Kakabaý Gurbanmyradow kandidatlyk dissertasiýasy hökmünde ýerine ýetiripdi.
W. Maýakowskiniñ terjimehalynda hem edil onuñ bilen bir döwürde ýaşap geçen tanymal rus şahyry Sergeý Ýeseniniñ terjimehalyndaky ýaly, syry enteklerem doly açylman galan, "ak tegmiller" az däl…
W. Maýakowskiniñ terjimehalyna degişli edilýän hekaýatlaryñ biri onuñ Pariže, fransuz okyjylary bilen duşuşyklar geçirmäge iş saparyna gidende, Tatýana Ýakowlewa diýen zenan maşgala aşyk bolanlygy bilen baglanşykly.
Wladimir Maýakowskiý bilen Tatýana Ýakowlewanyñ arasynda hiç bir ýakynlygyñ bolup bilmejekligi "aýnada görünen" ýalydy. Sebäbi rus emigrantynynyñ gyzy Tatýana, diýseñ görmegeý, üstesine-de, aristokrat maşgalanyñ çagasy hökmünde edebiýata inçeden düşünýän we hakyky edebiýata gadyr goýýan, Puşkiniñ we Týutçewiñ eserlerinde terbiýelenen ýaş zenandy. Elbetde şonuñ üçin-de, Tatýana bolşewik-kommunistler tarapyndan döredilen ýaş sowet döwletiniñ wekili, özüniñ göýä çapylan kerpiç şekilli, köp basgançakly merdiwana çalymdaş setirlerden ybarat şygyrlary bilen öz ýurdynda agyzlaa dolan Maýakowskini diñe

şahyr hökmünde ykrar etmäge däl, eýsem ony özüne aşyk bolan ýigit hökmünde hem kabul edip biljek däldi.
Maýakowskiniñ aýdýan sözlerine Tatýana tekepbirlik edip, göwniýetmezçilik bilen garap, ýaş ýigidi kemsidýärdi, her hili kinaýaly sözleri bilen özüniñ Maýakowskiý üçin elýetmezligini duýdurýardy. Emma şonda-da, Maýakowskiý Tatýanadan el çekerli däldi, özüniñ hakyky aşykdygyny subut etmek isleýärdi. Parižden gaýtmazynyñ öñ ýanynda Tatýana ýüzlenip, "Men diñe bir Seni-hä däl, Seni Pariž bilen bilelikde alaryn!" diýen sözleri aýdýar. Soñra bu sözler onuñ edebi mirasynda özboluşly orun eýeleýän, "Tatýana Ýakowlewa ýazylan hat" ady bilen belli bolan şygyr eserinde "Haçan-da bolsa bir wagt men Seni hökman alaryn, Ýeke özüñi ýa-da Pariž bilen ikiñizi bilelikde alaryn." diýen görnüşde öz beýanyny tapýar….
Maýakowskiden Tatýana diñe güller miras galypdy. Parižde eden çykyşlary üçin özüne tölenen uly mukdardaky gonorarynyñ (galam hakynyñ) hemmesini Pariž banklarynyñ birinde Fransiýada iñ belli gül firmasynyñ hasabyna goýup, ol firmanyñ eýelerinden Tatýananyñ öýüne her hepdäniñ anna güni öýlän gortenziýa diýilýän güllerden bogulan gül çemeniniñ eltip berilmegini haýyş edýär. Öz abyraýyny goramaga çalyşýan gül firmasy kakabaşyrak häsiýetli müşderisiniñ bu üýtgeşik haýyşyny ýerine ýetirmäge borçlanýar. Ýylyñ ähli pasyllarynda, howanyñ sowuklygyna ýa-da yssylygyna hem garamazdan, Tatýananyñ öýüniñ gapysynda her hepdäniñ anna güni firmanyñ eli iññän owadan gül çemenli wekili peýda bolup, diñe: "Bu güller Size – Maýakowskiden" diýen gysga jümläni aýdyp, çemeni gowşuryp gidýär. Gül firmasy bu däbini yzyny üzmän, yzgiderli dowam edýär.
Otuzynjy ýylda Maýakowskiý bu dünýä bilen hoşlaşyp, bakylyga gidýär. Bu habar, elbetde, Tatýana garaşylmadyk waka hökmünde güýçli täsir edýär. Sebäbi ol Maýakowskiniñ öz durmuşynyñ aýrylmaz bir bölegine öwrülip, özi hakynda yzgiderli ýatladyp duranlygyna, özüniñ bir ýerlerde barlygyny iberýän gülleri bilen habarly etmäge çalyşýanlygyna halys öwrenişip gidipdi. Birnäçe ýyllar mundan ozal bolup geçen soñky duşuşyklaryndan soñ olar hiç haçan duşuşmandyrlar. Emma özüni diýseñ söýýän

adamyñ bu dünýäde barlygy Tatýananyñ durmuşyna öz aýratyn täsirini ýetiripdi. Bu edil Aýyñ Zeminde ýaşaýanlaryñ hemmesiniñ ykbalyna onuñ ýakyn gapdalynda aýlanýanlygy üçin täsir edýänligi kysmy bir hadysady. Tatýana özüniñ geljekki durmuşynyñ bu akyla sygmaýan, iññän enaýy gül çemenlerinde öz beýanyny tapan beýik söýgiden mahrum boljaklygy barada pikire batypdy…
Emma gül firmasynda galdyrlan haýyşnamada müşderiniñ ölümi sebäpli gül çemenleriniñ gowşurylmagynyñ bes edilmelidigi barada hiç bir zat diýilmeýärdi. Şonuñ üçinde nobatdaky anna güni öýlän hem Tatýananyñ gapysynda eli ajaýyp çemenli ýigdekçe peýda bolup:
"Bu güller Size-Maýakowskiden" diýen sözleri aýdyp, çemeni gowşuryp, gitdi.
Aýdyşlaryna görä, hakyky söýgi ölümden hem rüstem gelýärmiş. Emma bu aýtgyny durmuşda hakykata öwürmek hemmä başardaýanok. Wladimir Maýakowskä welin, öz söýgisiniñ belentligini özi dünýeden ötenden soñ hem subut etmeklik añry ýany bilen başarypdyr. Şahyryñ adyndan iberilýän gül çemenleri ol ölenden soñ 30-njy ýyllarda-da, onuñ eýýäm ýatdan çykarylyp başlanylan 40-njy ýyllarda-da, ondan soñky ýyllarda-da, her anna güni Tatýana yzgiderli gowşurylyp durulypdyr.
Ikinji jahan urşy ýyllarynda, faşistik Germaniýa tarapyndan gabawa alynan Parižde Tatýana açlykdan ölmän galmaklyga diñe şol ajaýyp çemenleri bulwarda satmak arkaly gazananja ujypsyz mukdardaky pullary ýardam beripdir. Tatýana üçin bu çemenleri her gezek satlyga çykaranda, çemeni emele getirýän her bir aýratyn gülden "Men Seni söýýän!" diýen sözler eşidilýän ýalydy. Hut şeýle sözler hem ony ölümden halas edipdi.Soñra soýuzdaş döwletleriñ goşunlary tarpyndan Pariž azat edilende, Tatýana hemmeler bilen bilelikde begenjinden aglapdy. Soñ sowet esgerleri Pariže girenlerinde hem bu zenana Maýakowskiniñ adyndan gül çemenleriniñ gowşurylmagy öñkisi ýaly dowam edýärdi.
Firma tarapyndan gül gowşurmak üçin ugradylan öñki ýigdekçeleriñ ençemesi eýýäm uruşda wepat bolupdy, diri galanlary bolsa uly ýasly adamlara öwrülip, olaryñ ornuna täze

ýetginjekler gelipdi. Emma olar hem edil öňkiler ýaly, özleriniň beýik bir söýgi bilen baglanşykly rowaýatyň aýrylmaz bölegine öwrülendiklerine düşünýärdiler. Olar her gezek Tatýana ýüzlenip:
"Bu güller Size – Maýakowskiden" diýip, aýdýan gysgajyk jümleleriniň özlerine bakylyga ýol açýan ejaza kimin ýaňlanýanlygyna buýsanýardylar.
Maýakowskiniň güllere siňdirilen söýgisi hakyndaky rowaýat indi Parižiň taryhynyň hem bir bölegine öwrülipdi. Emma bu rowaýatyň çynlygy ýa-da toslamadygy welin, köp wagtlap näbelli halda galyp gelýärdi.
Onuň hakykatdygyna ýa-da ýöne bir owadan rowaýatdygyna göz ýetirmek üçin bu rowaýaty entek ýaş wagty öz enesinden eşiden sowet inženeri Arkadiý Rywlin geçen asyryň ýetmişinji ýyllarynyň ahyrynda ýörite Pariže gitýär. Onuň bagtyna beýik şahyryň belent söýgisine mynasyp bolan zenan – Tatýana Ýakowlewa entek aýatda diri eken. Ýaşynyň bir çene baranlygyna garamazdan, özüniň aristokrat maşgalada alan terbiýesine laýyklykda zenanlyk mertebesini doly saklamagy başarýan Tatýana öz watandaşyny güler ýüz bilen garşylaýar. Olar çaý başynda dürli meseleler hakynda uzak söhbetdeş bolup oturypdyrlar. Iňňän ýokary içki arassalygy bilen tapawutlanýan kiçijik öýüň ähli künjegi owadan güllerden doly bolup, olar beýik şahyryň söýgisine bagyşlanan özboluşly ýadygärlik ýaly görünýärdi.
Myhman bolup baran ýigit, garrasa-da, şa zenanyna kybapdaş hereketleri bilen haýran edýän öý eýesine Maýakowskiý bilen baglanşykly sowaly bermeklige ýaýdanýardy, şeýle sowalyň ýerliksiz bolaýmagyndan howatyr edýärdi. Emma şonda-da, söhbetdeşligiň arasynda emele gelen pauza ahyrym myhmana öziniň Maýakowskiniň adyndan gowşurylan gülleriň öý eýesini hakykatdan-da uruş ýyllarynyň açlygy döwründe ölümden halas edenligininiň çynlygyny ýa-da owadan ertekidigini anyklamaklyga gönükdirlen sowalyny bermäge mümkinçilik açýar. Ol öz sowalyny: "Gülleriň şeýle uzak wagtyň dowamynda Size yzgiderli gowşurylyp durulmagy hiç hili akyla sygmajak zat ýaly görünýär" – diýen sözler bilen jemleýär.

Öý eýesi myhmanynyň beren sowalyna birbada jogap bermändir-de, oňa ýüzlenip: "çaýyňyzy arkaýyn içseňizläň! Siz başga bir ýerik gitmäge gyssanýan dälsiňiz ahyryn?" – diýipdir.
Hiç hili gyssanýan ýeriniň ýoklugyny aýdyp myhman çaýyny içmekligi dowam edipdir. Uzak wagt geçmänkä-de, gapynyň jaňynyň sesi ýaňlanypdyr…
Myhman ýigit aňyrsynda duran adamy öz ululygy bilen ýapýan ajaýyp gül çemenini öz ömründe ilkinji gezek görýärdi. Daşarda eýýäm ýaşyp barýan Günüň şöhlesi düşen gül çemeni öz ajaýyplygy bilen jaýa özboluşly ýagtylyk saçýardy.Bu üýtgeşik ahwalata haýran galyp oturan myhman çemeni öý eýesine gowşuran ýigdekçäniň:
"Bu güller Size – Maýakowskiden!" diýen sözlerini öz gulagy bilen eşitdi.
Bu hekaýatyň nä derejede hakykata ýakynlygyny bilmeýänligimi duýdurmak isleýärin. Men bu hekaýaty ilkinji gezek 1982-nji ýylda, Moskwada aspiranturada okaýan döwrümde, Maýakowskiniň muzeýinde meni şol muzeýe gezelenje çagyran bir aspirant gyzdan eşidipdim. Soňky ýyllarda bu hekaýat ol ýa-da beýlekiräk bir görnüşlerde Internet sahypalarynda hem peýda bolup başlady. Emma şonda-da, bu hekaýatyň hakykatlygy welin, entegem doly derejede belli bolman galýar.
Ýöne, meniň pikirimçe, muňa garamazdan, ony inkär etjek bolup hem durmaly dälmi-kä öýdýärin.
Islendik rowaýatyň ýaşamagyna hakynyň barlygy ýaly, men bu owadan ertekä çalymdaş hekaýatyň "söýgi" diýlip atlandyrylýan belent duýga bagyşlanan özboluşly bir owadan waspnama hökmünde kabul edilmeginiň tarapdary.

Öwezdurdy MUHAMMETBERDIÝEW,
sosiologiýa ylymlarynyň doktory,
professor.

Edebi makalalar